# Eýran: Prezident liderligiñ aýnasydyr

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýran: Prezident liderligiñ aýnasydyr EÝRAN: PREZIDENT LIDERLIGIÑ AÝNASYDYR



*Eýranyñ şemaly ylalaşyga gelmegiñ ugruna bakan öwüsermi ýa-da öñküsinden has uly, juda howply tapgyrda birden köp frontda söweşmegini dowam etdirermi?*

Dini lider Ali Hamaneýden başga aýatolla Homeýniñ adamlaryndan hiç kim galmady.

Prezident Ibrahim Reisi, ondan öñ Ali Ekber Welaýaty, ondan öñem Haşimi Rafsanjani hatardan çykdy.

Şeýle-de Hasan Ruhani, Mehdi Kerrubi, Ali Welaýaty, Ali Jenneti ýaly beýleki şahslaram arenadan çekildiler.

Reisiniñ ölümi we aýatolla Hamaneýiñ ötüşen ýaşy bilen

birlikde Eýran Yslam Respublikasynyň düýbüni tutan nesliň döwri soňlanyp barýar.
Şu ýerde ýene şobir sorag täzeden orta atylýar: Eýran režiminiň geljegi nähili bolarka?
Reisi eýran syýasatynda algyr laçyn hasaplansa-da, ömrüniň soňky gününi Eýranyň esasy goňşularyndan we azmly garşydaşlaryndan Azerbaýjan Respublikasynyň prezidenti bilen ylalaşyga geliji duşuşyk bilen soňlady.
Iki prezident bilelikde bendiň açylyş dabarasyna gatnaşdy, yzyndanam Reisi gaý-tupanly gijede Tährana baryp ýetip bilmejek soňky ýoluna rowana boldy.
Taryhyň esasy şahsyýetleriniň biriniň öldürilmegi ýaly onuň wertolýotynyň awariýa uçramagy-da şübheli pikirlere we çaklamalara açyk syr bolup galar.
Dünýäniň Eýrany dolandyrýanlar barada bilýän zatlary rewolýusiýanyň aktýorlary we olar bilen birlikde gelen täze nesliň liderleri bilen çäklenýär, emma bularyň köpüsi uzak wagtlap häkimiýet başynda oturmady.
Öňki prezident Mahmud Ahmedinejad hökümetden daşrakda durdy, Kasym Süleýmany we onuň ýerine gelen daşarky harby gatnaşyklarda gulluk edýän Rewolýusion gwardiýanyň käbir ýolbaşçylary hatardan çykaryldy.
Öňümizdäki dört hepdäniň dowamynda eýranlylar we Eýranyň meseleleri bilen gyzyklanýanlar prezidentiň kim boljagyny we ertiriň täze liderlerini çaklamak bilen geçirerler.
Ýurt liderlik nukdaýnazaryndan ganyny täzelemegiň öňüsyrasynda dur. Prezidengiň kim boljakdygyna ýakynda karara geliner we hökümetiň ertirki güni hem-de birnäçe ýyl bäri dini liderlige kandidat görkezilýän dini lideriň ogly ýoldaş Müjteba boýunça gyzyklanmalar artar.
Emma Eýrandaky üýtgeşmelere köp sanly parallel geňeşden we möhüm harby merkezlerden ybarat garym-gatym hökümet apparatynyň kölegesinde anyklamak we düşünmek kyn.




Kandidatlaryñ atlary we olaryñ içinden biriniñ prezident saýlanmagy Tährandaky hökümetiñ ugry babatda möhüm signallary berer.

Reisiniñ duýdansyz aradan çykmagy uly hadysalaryñ we kyn çözgütleriñ bolýan döwrüne gabat geldi.
Reisiniñ birinji prezidentlik döwrüniñ gutarmagyna birýarym ýyl galypdy we uly ähtimallyk bilen ikinji döwürem saýlanyp, ýene dört ýyl wezipesinde galmalydy.
Bu döwürde Eýrana sebitdäki çaknyşyklaryñ hötdesinden gelmekde möhüm jogapkärçilikler garaşýar we onuñ özi bu çaknyşyklaryñ köpüsinde aktiw tarap bolup çykyş edýär: Yrak, Siriýa, Liwan, Ýemen, Gaza.
Prezidentlik döwletiñ içinde ýeke-täk karar kabul ediji güýç däl, ol döwletiñ aýnasydyr.
Her prezident eýran liderliginiñ ugurlarynyñ bir tapgyryny alamatlandyrýardy.
Pozitiw dünýägaraýyşly Hasan Ruhaniniñ prezidentligine Obamanyñ döwründe ABŞ bilen ylalaşyga gelmek tapgyry ýoldaşlyk etdi.
Radikal prezidenti bolsa Trampyñ ýadro ylalaşygy bozan we Tährany nebit hem-de syýasy derejede gysýan kararlarynyñ yzyndan ABŞ bilen duşmançylyk tapgyrynda wezipä geldi.
Eýsem Eýrana nähili prezident we haýsy tapgyr garaşýar?
Režim dünýä garşy çykmagyny dowam etdirip, soñky prezidentini bürgüt konserwatiwleriñ arasyndan saýlajakmyka?
Ýa-da Reisiniñ ýoklugy sebitleýin we halkara ylalaşyga tarap täze tapgyryñ ýoluny açarmy?
Eýran režiminde döwletiñ daşarky syýasaty boýunça ugurlaryndaky düşünişmezlik täze däl, onlarça ýyllap dowam edip gelýän zat.
Rewolýsiýanyñ başlanan wagtyndan bäri ylalaşyga gelmek üçim uzadylan el bilen eli ýaragly ideologiýanyñ arasynda dünýä bilen gatnaşyklar babatdaly düşünişmezlik dowam edýär. Bu boýunça has ekstremistik topar elmydama ýeñiş gazandy.
Bir aýyñ içinde prezidentlige kandidatlaryñ arasyndan we yzyndan prezident saýlawlarynyñ netijeleriniñ Eýranyñ haýsy ugra ýöneljegini göreris.
Bular öñümizdäki dört ýylyñ dowamynda Eýranyñ şemalynyñ haýsy ugra bakan öwüsjegini görkezer: ylalaşyga gelmegiñ ugruna bakan öwüsermi ýa-da öñküsinden has uly, juda howply tapgyrda birden köp frontda söweşmegini dowam etdirermi?
Abdyrahman RAŞID,
«El-Arabiyye» kanalynyñ öñki başlygy.

@aalrashed

Çarşenbe, 22.05.2024 ý. Publisisistika